# Düşnüksiz adam ýa-da Stefan Sweýgiň bagtsyz ölümi hakda kelam agyz

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Düşnüksiz adam ýa-da Stefan Sweýgiň bagtsyz ölümi hakda kelam agyz DÜŞNÜKSIZ ADAM ÝA-DA STEFAN SWEÝGIŇ BAGTSYZ ÖLÜMI HAKDA KELAM AGYZ

Heran-haçan şu şahsyýet hakynda bir zat ýazmaly bolsam, oňa şundan laýyk sözbaşy tapmazdym. Çünki ýüregi hemmeler üçin aýnada ýaly görünip duran adam ömrüniň ahyrynda düýbünden düşnüksiz bir şahsyýete öwrüldi oturyberdi.
1942-nji ýylyň 23-nji fewralynda dünýä metbugatynyň ilkinji sahypasyny täsin habar eýeledi. Onda: «Awstriýaly meşhur ýazyjy Stefan Sweýg hem-de onuň aýaly Şarlotta Rio-de-Žaneýronyň golaýynda ýerleşýän Petropolis şäherçesindäki öýleriň birinde öz janlaryna kast etdiler» diýilýärdi. Hawa, Stefan Sweýg aýaly bilen bilelikde öz janyna kast edipdi. Dünýäde uruş gidýärdi, şol sebäpli hem bu habar dillerde kän eglenmedi. Emma bu ajy habar edebiýaty söýüjileri welin biparh goýmady. Göräýmäge, beýle ýagdaýa düşer ýaly, ýazyjyda düýpli bir sebäbem ýokdy. Maliýe tarapdan gurgundy, döredijilik tarapdanam iň bir önjeýli işleýän döwürleridi. Dogry, 30-njy ýyllarda Germaniýada onuň kitaplary gadagan edilipdi. Oňa derek ABŞ-nyň neşirýatlary ony gujak açyp garşylaýardylar. Söýgüli aýaly hem ýanyndady…
Ýöne oňa diňe bir zat ýetenokdy. Ol watandy. «Adamlaryň arasynda özüňi ýalňyz duýmakdan erbet zat ýokdur». Ine, Sweýgiň ömür ýoluny, betbagt ölüminiň sebäbini açyp berýän jümle. Bu onuň öz sözi we ol hakykatdanam ýat adamlaryň arasynda watanynyň zaryny çekýärdi. Bu hakynda Erih Mariýa Remark «Behiştdäki kölgeler» romanynda şeýle belleýär: «Eger uzak Braziliýada öz janyna kast eden Stefan Sweýgde hem-de

onuň söýgüli aýalynda şol pajygaly gije, bolmanda, telefon arkaly kimdir biri bilen derdinişip, iç döküşere mümkinçiligi bolan bolsady, onda bu aýylganç ölüm bolmasa bolmazdam. Ýöne, hernäçe gynansak-da, Sweýg ýat ilde, ýat adamlaryň arasyndadady…»
Hoşlaşyk hatynda Sweýg şeýle ýazypdyr: «Altmyşdan soň durmuşa täzeden başlamak üçin biçak uly güýç gerek bolar eken. Men bolsa uzak ýyllaryň dowamynda watanymyň zarynda güýç-kuwwatdan galdym.
Başymy dik tutup, dirilik kitabyna häziriň özünde nokat goýan ýagşy diýip pikir edýärin. Barça dost-ýarlaryma gowulyk dileýärin. Uzak höküm süren tümlügiň aňyrsyndan lowurdap görünjek ýagtylygy, goý, olar görsün. Meniň bolsa oňa garaşara takadym ýok»… German Gesse bolsa, müňlerçe okyjylar ýaly, Sweýgi başgaça tanapdy: » Stefan Sweýg – dostana ynsandy». Ol hakynda aýdylan şular ýaly gowy sözler başga-da kän. «Ol ähli taraplaýyn baý», » Sweýg – tüýs bagty getiren»… Bularyň barynyň üstüni Sweýg ömrüniň ahyrynda gelen garaşylmadyk karary bilen çyzdy. Düşnüksiz adam! Dünýä ony şeýle atlandyrdy. Çünki döreden eserleri bilen millionlaryň ýaşaýşa bolan höwesini artdyran ýazyjy bu höwesi özünde oýaryp bilmändi…

«GALAMDAŞ». Geň-taňsy wakalar